**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2025 -nji ýylyň 7-nji oktýabryndaky № 66-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 4-mek "Umumybilim edaralarynyň mugallymlarynyň sany we düzümi barada jemleýji hasabaty" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

## GOLLANMA

№ 4-mek formasy boýunça jemleýji hasabat okuw ýylynyň başyna ýagdaýyna görä etrabyň, şäheriň bilim bölümi tarapyndan düzülýär.

Bilim bölümlerinde, hem-de pudaklaýyn bilim edaralarynda umumybilim edaranyň işgärleri barada bar bolan maglumatlar hasabaty düzmek üçin esas bolup durýar. Göwrelilik rugsadynda bolan mugallymlar № 4-mek formasy boýunça hasabata goşulmaýar (iş düzgünde diňe işleýänler hasaba alynýar).

Ähli görnüşdäki umumybilim edaralarynda esasy iş ýeri bolan mugallymlar hem tertibiýeçileriň ählisi barada maglumatlar hasabata goşulýar.

## 1 BÖLÜM.
## MUGALLYMLARYŇ (UTGAŞDYRYP IŞLEÝÄNLERDEN BAŞGA) DÜZÜMI

1-nji bölümiň 02-05-nji setirleri boýunça umumybilim edaralarynyň ýolbaşçylaryndan başga mugallymlaryň ählisi görkezilýär.

01-nji setir boýunça 1-4-nji synplarynyň mugallymlary hakynda maglumatlar görkezilýär. Ýöne 1-4-nji synplarda diňe saz, aýdym, şekillendiriş sungaty, bedenterbiýe, zähmet okuwy derslerinden okadýan mugallymlar 01-nji setire goşulman, 04-nji setirde görkezilýär.

Umumy mugallymlaryň sanyndan 1-4-nji we taýýarlaýyş synplarlaryň maglumatlarynyň umumy sanyndan (02-nji setir, I bölümiň 1-nji sütüni boýunça):

03-nji setirde 5-12 synplarda okadýan mugallymlar girizilýärler (04-05-nji setirlerde görkezilen mugallymlardan başga).

04-nji setirde diňe saz we aýdym, şekillendiriş sungaty, çyzuw, bedenterbiýe, zähmet okuwlary okadýan mugallymlary görkezilýärler.

05-nji setirde saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar üçin ýörite bilim edaralarynyň mugallymlary görkezilýärler.

06-njy setirde 01-nji setirden mugallymçylyk bilimi bolan mugallymlar görkezilýär. Pedagogiki bilim ýokary pedagogiki bilimi (pedagogiki hünäri boýunça ýokary bilim diplomy) we orta ýöriteleşdirilen pedagogiki bilim (mugallymçylyk hühär boýunça orta hünär biliminiň diplomy) bolan mugallymlara berilýär, şeýle hem degişli şahadatnama ýa-da diplom bermek bilen pedagogiki bilime deň diýip ykrar edilen gaýtadan taýýarlyk ýa-da ýokary okuw kurslaryny tamamlanlar.

Umumybilim edaralarynyň orta, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar üçin ýörite bilim edaralarynyň müdirleri 08-09-njy setirlerde degişliliginde görkezilýär.

10-njy setirde ähli görnüşdäki umumybilim edaralarynyň we mekdep-internatlaryň müdirleriň orunbasarlary görkezilýär.

11-nji setirde mugallymçylyk iş ýüküni alyp barýan umumybilim edaralarynyň we mekdep-internatlaryň müdirleri we olaryň orunbasarlary (07 we 10-njy setirleriň möçberinden) görkezilýär.

Umumybilim edaralarynda we mekdep-internatlarynda sapak okatmaýan terbiýeçiler 12-nji setirde görkezilýär.

13-nji setirde wezipe sanawyndaky kitaphanaçylar görkezilýär.

1-nji bölümiň 01-12-nji setirleri boýunça 2,4,9-njy sütünleriň degişli setirlerinde (01-nji sütünden) işgärleriň umumy sanyndan aýal-gyzlar görkezilýär. 3-nji sütünde bolsa işgärleriň

umumy sanyndan ýokary hünär bilimlileriň sany, 5-7-nji sütünlerde ýokary hünär bilimli işgärleriň (3-nji sütünden) derejesi boýunça bölünip görkezilýär.

8-nji sütünde degişli setirlerinde (01-nji sütünden) işgärleriň umumy sanyndan orta hünärmen bilimli (ýörite orta) işgärleriň sany, 10-12-nji sütünlerde orta hünärmen (ýörite orta) bilimli işgärleriň (8-nji sütünden) derejesi boýunça bölünip görkezilýär.

DÖM-nyň 4-nji maksadynyň 4.c.1. görkezijisiniň hasaplamasyny amala aşyrmak maksady üçin, bu hasabat formasynyň 1-nji bölüminiň maglumatlary ulanylýar:

b) başlangyç mekdepde işleýän mugallymlaryň paýy atly görkezijisi hasaplanylanda, 1-nji bölümiň 1-nji setiriniň 1,3,8-nji sütünleriň maglumatlary ulanylýar, 1-nji setiriň 2,4,9-njy sütünlerden bolsa, jynsy boýunça maglumatlar ulanylýar.

c) orta mekdepde işleýän mugallymlaryň paýy atly görkezijisi hasaplanylanda, 1-nji bölümiň 2,3,4-nji setirleriniň 1,3,8-nji sütünleriniň maglumatlary ulanylýar; 2,3,4-nji setirleriniň 4-nji we 9-njy sütünlerden bolsa jynsy boýunça maglumatlar ulanylýar.

Ähli mugallymlardan (1-nji sütün) mugallymçylyk işiniň dowamlylygy 13-16-njy sütünlerde görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## AÝRATYN DERSLERI OKADÝAN MUGALLYMLARYŇ (DERS OKADÝAN MEKDEP MÜDIRLERIŇ WE OLARYŇ ORUNBASARLARYNY GOŞMAK BILEN) BÖLÜNIŞI
**(ähli görnüşdäki umumybilim edaralar we mekdep-internatlary boýunça)**

2-nji bölümde aýry-aýry sapaklary okadýan mugallymlar hakynda maglumatlar (aýdym-saz, şekillendiriş sungaty, çyzuw, bedenterbiýe, zähmet sapagyny okadýan mugallymlary goşmak bilen) şeýle-de aýry-aýry dersleri okadýan umumybilim edaralarynyň müdirleriniň, müdirleriň orunbasarlarynyň hakynda maglumatlar goşulýar. Iki ýa-da ondan artyk ders okadýan mugallymlar bar bolsa, olaryň has köp sagatly dersi göz öňünde tutulýar. Okadylýan dersler boýunça okuw sagatlary deň bolan halatynda haýsy sapaga degişli bilim alnan bolsa, şol ders boýunça-da görkezilýär. 2-23-nji sütünler boýunça 01-03-nji setirleriň maglumatlaryň jemi bilimi bolan mugallymlaryň hasaby 1-nji sütüniň maglumatlaryna deň bolmalydyr.

2-nji bölümiň 01-nji sütüniniň 04-nji setiri (hemmesi) 1-nji bölümiň 02, 03, 04, 11-nji setirleriň jemine deň bolmaly.

## 3 BÖLÜM.
## IŞGÄRLERIŇ HAKYKY SANY
**(ähli görnüşdäki umumybilim edaralar we mekdep-internatlary boýunça)**

3-nji bölümde umumybilim edaralarda işleýän ähli işgärler: ýolbaşçy işgärleri, mugallymlar, okuw- kömekçi işgärleri we beýlekiler baradaky maglumatlar goşulýarlar (02-05-nji setirler).

Mekdebiň müdirleri we onuň orunbasarlary, baş hasapçylar, pulçy, işgärler boýunça inspektorlar, ýolbaşçy-dolandyryş işgärlerine degişlidir.

Ähli mugallymlar, önümçilik okuwynyň ussalaryny goşmak bilen mugalymçylyk işgärlere girýärler.

Terbiýeçiler, pedagog-psihologlar, kitaphanaçylar, uzaldylan günli toparlardaky terbiýeçileri, laborantlar, lukmanlar we şepagat uýalary

okuw-kömekçi işgärlerine degişlidir.

Beýlekilere: ammar müdiri, kätip, iş ýörediji, jaýlara hyzmat etmek we tehnikany bejermek boýunça işçiler, howlynyň içine serediji, süpüriji, sürüjiler, garawul we ş. m degişlidir.

**Durmuş statistikasy müdirligi**